# Ukrain konfliktini nädip çözmeli?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ukrain konfliktini nädip çözmeli? UKRAIN KONFLIKTINI NÄDIP ÇÖZMELI?




Käte buýr-bulaşyk ýaly bolup görünen meseleleriñ çözgüdi diýseñ añsat bolýar, emma hiç kimiñ muny göresi-de gelmeýär, düşünesi-de. Sebäp çykgynsyzlyk käbirleriniñ peýdasyna bolýar.
Şeýleräk düşündiresim gelýär: Ýeke pursatlygam bolsa, Russiýa bilen Günbataryñ arasynda şular ýaly ylalaşyga gelinendigini göz öñüne getiriñ.
Ukraina Belarus ýaly Russiýanyñ plastilin ýaly islän şekiline salyp biljek oýunjagy-da bolmaly däl, Günbataryñ birgiden boş wadalary bilen öz peýdalaryna ulanjak oýnatgysy-da bolmaly däl.
Tersine, iki tarapa-da ikitaraplaýyn sylag-hormata we ynanyşmaga goldanýan gatnaşyklary bolan aralyk sebit hökmünde ömrüni dowam etdirer. Ýagny, Ukraina hiç bir ýagdaýda NATO harby blogyna goşulmaz we bitaraplygyny saklar.
Şular ýaly ylalaşyga gelinen ýagdaýynda, Ukrainada uruş şobada ýatar we gandöküşlik soñlanar. Hem dünýäniñ bu ýurdy has

parahatçylykly we asuda ýere öwrüler. Netijede ikitaraplaýyn söwdanyñ gaýtadan janlanjakdygy üçin goja Ýewropa uklymy hem-ä syýasy, hemem ykdysady taýdan rahat dem alar.
Ýewropanyñ iñ uly ykdysady güýji bolan Germaniýa has ýakyn wagta çenli, ýagny Ukrainada uruş başlaýança «Demirgazyk akym-I» liniýasynyñ üstünden amatly bahadan Russiýadan tebigy gaz alýardy.
Häzir bolsa embargo sebäpli tebigy gaz geçirijisiniñ ýapylandygy üçin Germaniýa gazy Katar, Birleşen Arap Emirligi ýaly ýurtlardan aşa gymmat bahadan satyn alýar. Şonuñ üçinem indi gazyñ bahasy Germaniýada üç esse gymmat.
Meniñ özüm şu ýurduñ raýaty bolamsoñ, 2022-nji ýylda gaz üçin öñkimden 900 euro köp töledim.




Diñe bulam däl. Russiýa garşy girizilen sanksiýalar suwuk ýangyçdyr azyk harytlary bilen birlikde bahalaryñ iki esse, hatda üç esse gymmatlamagyna getirdi.

Eger uruş ýatsa, bu bela-beterlerem ýatyşyp, adamlar rahat dem alsa gerek. Emma uruşyñ soñlanmagy dünýäniñ hekemlik satýan supergüýji ABŞ-nyñ bähbidine däl. Uruş dowam etse, ABŞ-nyñ söweşjeñ industriýasy milliardlarça dollar girdeji gazanýar.

Özlerini howp astynda duýýan Ýewropa bileleşiginiñ (ÝB) ýurtlary «F-35» söweşjeñ reaktorlar bilen birlikde ABŞ-dan köp sanly ýarag we ok-däri serişdelerini alarlar. Bulam amerikan ýarag zawodlaryna birnäçe ýyllyk güýmenje we düşewünt berýär.

Uruş zerarly ÝB Russiýa bilen söwda etmeýändigi üçin iki tarapyňam ykdysady taýdan gowşajakdygy belli zat. Elbetde, ykdysady taýdan gowşak Russiýa ABŞ-nyň peýdasyna. Emma ykdysady taýdan mazaly çagşan ÝB kluby has uzak wagtlap amerikan saýawanynyň astyna girjekdigi üçin bu ýagdaý Waşingtonyň hasam peýdasyna bolýar.
Munuň başgaça hili bolsa, ABŞ-nyň betbagtçylygydyr. Russiýa bilen ÝB-niň arasynda gatnaşyklaryň düzelendini we ikitaraplaýyn söwda gatnaşyklarynyň hasam berkändigini göz öňüne getiriň. Moskwa bilen Brýusseliň arasyndaky gatnaşyklar şeýle bir eriş-argaç bolsun welin, iki blogyň arasynda hiç bir ýagdaý uruş mümkin bolmasyn. Edil Germaniýa bilen Fransiýanyň arasynda bolşy ýaly.
Bular ýaly senariýa ýewropa halklary we bütindünýä parahatçylygy üçin ajaýyp bolmazmydy? Elbetde bolardy.
Russiýa ÝB islese-de, islemese-de Ýewropanyň iň uly goňşudy. Bular özara uruşaýan ýagdaýynda-da ikisinden biriniň ýeňmegi mümkin däl.
Iň bolup biläýjek zat – ikisiniňem öwezini dolup bolmajak derejede harap bolmagy. Edil birinji we ikinji jahan uruşlarynda bolşy ýaly.
Ýewropa, has dogrusy ÝB-niň oňurgasyny düzýän Günbatar Ýewropa häzir Ikinji jahan uruşyndan bäri ykbalyny Waşingtonyň eline ymykly berdi.
Goranyşyny ABŞ-na ynanan Ýewropa indem Waşingtonyň meçew bermeginde islemeýän uruşyna iterilýär.
ABŞ-dan ýarag alyp uruş taýýarlanýan ÝB ýurtlary özlerini ýok edip biljek ullakan howpa tarap süýşmek bilen alysdaky ABŞ-nyň peltesine ýag damdyrýar.
Keseden syn edýän biri «Russiýa bilen Günbataryň, has dogrusy ABŞ-nyň arasyndaky düşünişmdzlik nämede?» diýip sorasa, anyk jogap tapyp bilmez.
Russiýa Günbataryň bähbitlerine howp salmaýar, tersine ABŞ söweşjeň raketalaryny rus serhetlerine ýerleşdirip, Putiniň ukusyny bozýar.
ÝB Waşingtonyň küşgürmegi bilen ullakan betbagtçylyga iterilmek islemeýän bolsa, haýdan-haý ABŞ-nyň goltugynyň aşagyndan çykyp, öz ykbalyny öz elije almaly. Ýewropalylaryň Ikinji jahan uruşyndan bäri tekrarlap gelýän «ABŞ-nyň bähbidi näme bolsa, biziňkem şol» prinsipi indi güýjüni ýitirdi.
ÝB-niň bähbidi – Ukrainany bitarap sebite öwürmek babatda

Russiýa bilen ylalaşyga gelip uruşy soňlandyrmak, sanskiýalary ýatyryp täzeden ikitaraplaýyn söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak, şeýdibem goja materikde uzak wagtlap dowam eden parahatçylygy we asudalygy kepillik astyna almak.




Ýakyn taryh ABŞ-nyň ýüpi bilen guýa sallanyp bolmajagyny görkeze-görkeze geldi. Waşingtonyň Ýakyn Gündogarda ýa-da Günorta Aziýada iň ýakyn ýaranlaryny olar bilen işi dynandan soň nädip ýere serreldip gidendigini ýadyňyza salyň.
Kyrk ýyl öňki Eýran şasyndan Hüsni Mübärege, Saddam Hüseýinden häzirki wagt öňki owgan režiminiň liderleri Hamid Karzaýdyr Aşraf Gani ýaly ABŞ-na ynanan liderler we ýurtlar eýgilik

ýüzüni görmedi.
Elbetde, ÝB-niň ýagdaýy olaryňkydan biraz üýtgeşik. Ýöne her niçik-de bolsa hakyky howp abanan pursayynda ABŞ-nyň ýaranlaryny ýeke galdyryp ökjä tüýkürýändigini ýatdan çykarmaly däl.
Dogry, Russiýanyňam goňşy we doganlyk ýurduna çozmagy halkara hukuk kadalary taýdanam, ahlak taýdanam gödek ýalňyşyk boldy. Russiýa özüni howp astynda duýwn islendik supergüýjiň görkezip biläýjek garşylygyny görkezdi.
Putiniň aýdyşy ýaly, eger Russiýa Meksika-ABŞ serhedine raketa ýerleşdiren bolsa, Waşingtonyň muňa berjek garşylygy nähili bolar öýdýärsiňiz?
1991-nji ýylda Sowet Soýuzynyň dagamagyndan soň mynasyp garşydaşsyz galan ABŞ, gynansak-da, soňkh ýyllar şeýpe bir biperwaý hereket etmäge başlady welin, diňe duşmanlaryna däl, ýaranlaryna-da howp salmaga başlady.
ABŞ-nyň Türkiýäniň howpsuzlyk gaýgylaryny piňine saýman Siriýanyň demirgazygyndaky kürt terrorçylaryna berýän goldawy munuň iň bärkije mysaly.
Häzir bolsa ABŞ Ukraina «F-16» söweşjeň reaktorlary we «Stinger» raketalary ýaly kämil ýarag sistemalaryny berjekdigine wada berip, uruşy hasam gyzyşdyrýar. Bu bolsa diňe Ýewropamyň däl, bütin dünýäniň howpsuzlygyna howp salýar.
Ukrainada ýagdaýyň çataklaşmagy üçünji jahan uruşy diýmekdir. Şeýle bolýan bolsa, Ukrainany Gündogar bilen Günbataryň arasynda howpsyz, bitarap, aralyk sebite öwrüp, uruşy soňlandyrmak gerek.
Zyýanyň ýarpysyndan gaýtmagam peýdadyr. Başgaça bolanda dünýäniň ýadro uruşyna gapgaryljakdygy gümansyzdyr.
Esedulla OGUZ,
Germaniýaly türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 30.01.2024 ý. Publisistika